# Doludyr doly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Doludyr doly

DOLUDYR DOLY

Ademden dünýäni halk etdi möwlam,
Görer sen bu jahan doludyr-doly.
Tomaşaly däli dünýäniñ soñy,
Gugaryp boş galar, halydyr-haly.

Ymaratlar soñy bolar haraba,
Näzik teniñ soñy döner turaba,
Ahyr bir gün gark bolar sen girdaba,
Ömrüñ suw üstüniñ salydyr-saly.

Adam ogly, ötdi ömrüñ bihabar,
Eý gapyl, körmi sen ýa gulagyñ ker,
Penadan bakyga kylyr sen sapar,
Bular ötenleriñ ýoludyr-ýoly.

Är-ärden parhly, belentli-pesli,
Gaçar mejlis görse, adamyñ pisi,
Ýol üstünde serdarlaryñ tekýesi,
Alma göz bedewleñ ýalydyr-ýaly.

Bu söz nesihatsyr zehni bolana,
Müñ tümenden ýegdir gadryn bilene,
"Alla rahmet etsin" diýmek ölene –
Bu ýol köneleriñ ýoludyr-ýoly.

Görer sen, dünýäniñ owwaly toýdur,
Güler sen, oýnar sen, ahyry waýdyr,
Dünýä bir bazygär gahba heleýdir,
Gözün süzüp duran loludyr-loly.

Seýdi diýer, ýalançynyñ söwdasy,

Harapdyr, bozukdyr, ýokdur binasy,
Kim diýse dünýäniñ bardyr wepasy,
Nadandyr, akmakdyr, dälidir-däli.

Seýitnazar SEÝDI.

Goşgular